Adamyň ähli durmuşy gös-göni tebigat bilen baglydyr. Jemgyýetiň ösüşi, esasan, tebigy baýlyklary ulanmaklyga daýanýar. XX asyryň ortasyna çenli tebigy baýlyklar tükeniksiz diýlip hasap edildi. Munuň ýaly senagat pelsepesi tebigy gurşawa düşýän antropogen täsiriň örän äşgär ýüze çykmagyna getirdi.

Bu ösüş ýoly tehnogen ýa-da tebigy serişdeleri köp sarp edýän diýlip atlandyryldy. Ykdysady ösüşiň bu ýörelgesi zähmeti we maýany saýlap almak bilen, tebigy baýlyklaryň tutýan ornuny we ähmiýetini nazara almaýar, ykdysady ösüşiň, daşky gurşawyň we tebigy serişdeleriň dürli-dürli görnüşlerde hapalanmagyna we ýaramazlaşmagyna getirýän netijelerine üns berilmeýär, zähmet resurslarynyň ýagdaýyna, ilatyň ýaşaýşynyň hiline edýän täsiri hem doly öwrenilmeýär. Netijede, soňky ýyllarda ekologik faktorlary nazara alýan düşünjelere bolan garaýşy düýpli üýtgetmek zerurlygy ýüze çykdy.




Ykdysadyýete düýpgöter täze ekologik ykdysady taslamalary ornaşdyrmak üçin ykdysady

Все права защищены

ösüşi ekologiýalaşdyrýan konsepsiýany işläp taýýarlamak we amala aşyrmak zerur bolup durýar. Jemgyýetiň we tehnosferanyň tebigy gurşaw bilen özara gatnaşyklaryna ykdysadyýetiň ähli düzümi–önümçilik, paýlama we sarp ediş çekilýär. Şonuň üçin ykdysadyýet adamzat jemgyýetiniň maddy nygmatlaryna bolan talaby çäksiz, sarp edişi kanagatlandyrmagyň çeşmesi bolan tebigy serişdeler bolsa, çäklidir diýlen düýpli düzgünlere esaslanyp ösmelidir.

**Allanazar AÝDYÝEW**

**S.A.Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.01.2026